***COP29-nyň netijeleri we geljekdäki borçnamalary: Azerbaýjanyň COP29-da gazanan üstünlikleri, şol sanda Howa we Parahatçylyk başlangyjy, we Merkezi Aziýa, CAREC, SPECA we Hazar deňzine ünsi jemläp, global howa hereketiniň öňdebaryjy aklawçysy hökmünde tutýan orny***



Azerbaýjanyň Türkmenistandaky ilçisi Gismat Gozalow 2024-nji ýylyň noýabr aýynda Bakuwda geçirilen COP29-yň esasy netijeleri barada brifing berdi. Bu brifing 2025-nji ýylyň fewral aýynyň 5-ne Birleşen Patyşalygyň Türkmenistandaky Ilçihanasy we BMGÖM-iň gurnamagynda BMG-niň binasynda Howanyň Üýtgemegi Boýunça Ösüş Hyzmatdaşlar Toparynyň sekizinji utgaşdyryş ýygnagy geçirildi.

Ilçi, Azerbaýjanyň bu global çärä üstünlikli taýýarlanandygyny we bary-ýogy 10 aýyň içinde öňde goýlan maksatlara ýetendigini, şol sanda howanyň maliýeleşdirilmegi, uýgunlaşma we halkara hyzmatdaşlygy boýunça möhüm şertnamalary üpjün edilengini belläp geçdi.

Все права защищены




Ilçi COP29-yň howanyň maliýeleşdirilmegine gönükdirilendigini aýtdy. 198 ýurt we 76,000 gatnaşyjy, şol sanda 80 döwlet baştutany, prezident, wise-prezident we premýer-ministrleriň gatnaşmagynda geçirilen konferensiýada 2035-nji ýyla çenli ösýän ýurtlar üçin ýylda 300 milliard ABŞ dollaryna çenli ýokarlandyryldy, howanyň maliýeleşdirilmeginiň öňki maksadyny üç esse artdyryldy. Mundan başga-da, COP29-da Günorta-Günorta hyzmatdaşlygy arkaly ösýän ýurtlaryň meýletinçilik etmeklerine we 2035-nji ýyla çenli döwlet we hususy pudaklardan ýylda 1,3 trillion dollar ýygnamaga çagyrdy. Maslahatda howanyň maliýeleşdirilmeginde aç-açanlygy we jogapkärçiligi ýokarlandyrmak üçin täze ülňüleri kesgitlenildi.

Gismat Gozalow, şeýle hem Azerbaýjanyň uýgunlaşmak boýunça tagallalara ýolbaşçylyk edendigini, Adaptasiýa boýunça global maksady goldamak üçin Bakuwyň uýgunlaşma ýol kartasyny işe girizendigini aýtdy. Gismat Gozalowyň bellemegine görä, COP29 ýitgiler we

Все права защищены

zyýan gaznasyny işletmek, howanyň betbagtçylyklaryndan ejir çeken ýurtlara maliýe goldawyny bermek baradaky şertnamalary baglaşdy.

Ilçi Gozalow, COP29-da uly üstünlikleriň biri Pariž 6.4 şertnamasynyň uzak wagtlap dowam eden ygtybarly we aýdyň uglerod bazarlaryny döretmek bilen bagly bolan gepleşikleriniň çözülendigini belläp geçdi. Bu bazarlaryň döredilemegi bilen milli kesgitlenen goşantlaryň (NDC) çykdajylaryny ýylda 250 milliard ABŞ dollara çenli azaldylmagyna, şeýle hem ösýän ýurtlarda howa bilen baglanyşykly başlangyçlary goldamak üçin 2050-nji ýyla çenli maliýe akymlary 1 trillion ABŞ dollara ýeterilmegine garaşylýar.

Gismat Gozalowyň bellemegine görä, COP29 birnäçe ýurtlaryň we guramalaryň, şol sanda 132 ýurt we 1200 gurama tarapyndan gol çekilen COP ýaraşygynyň bilelikdäki arzasy ýaly borçnamalary üpjün edýär. Beýleki möhüm wadalardan wodorod, ýaşyl sanly hereket we metanyň zyňndylary baradaky beýannamalary öz içine aldy. Bu wadalar syýahatçylyk, suwy tygşytlamak, energiýa tygşytlamak we ýaşyl sanly çözgütlerdäki howanyň hereketlerine gönükdirilendi.

Gismat Gozalow, Türkiýe Döwletleriniň Guramasynyň (TDG) çäginde howanyň hereketini we innowasiýalary çaltlaşdyrmak üçin täze hyzmatdaşlyga başlandygyny aýtdy. Bu başlangyç bolsa durnukly tejribäni we ýaşyl tehnologiýalary ösdürmek üçin agza döwletleri özünde birleşdirýär. Howa çydamly obalaryň TDG forumy hem hödürlenip, onda howa çydamly oba jemgyýetlerini gurmak üçin bilimleri we çeşmeleri paýlaşmagy maksat edilýändigi görkezilýär.

COP29-da Merkezi Aziýanyň ýaşyl energiýa we durnukly ösüş baradaky ygrarlylygyny güýçlendirendigi görkezildi. Esasy üstünliklerden biri hem Azerbaýjan, Gazagystan we Özbegistanyň arasynda ýaşyl energiýany ösdürmek we geçirmek üçin strategiki hyzmatdaşlygy öz içine alynmagydyr. Hazar deňziniň arassa energiýa kabel taslamasynda sebitdäki energiýa howpsuzlygyny güýçlendirip, gaýtadan dikeldilýän energiýany Ýewropa eksport etmegi maksat edilýär. Mundan başga-da, sebitdäki howanyň maksatlaryna goşant goşup, Merkezi Aziýada  klimata uýgun akylly şäherleri tanatmak üçin SPECA Howanyň Akylly Şäherler forumy döredildi. Azerbaýjanyň teklibi bilen howanyň we söwda maksatlarynyň durnukly ösüşini maksat edinip integrasiýa üçin Klimat, innowasiýa we söwda boýunça CAREC hyzmatdaşlygy gol çekildi.

Hususan-da, Gismat Gozalow Azerbaýjanyň raýat jemgyýeti merkeziniň üpjün edilendigini, 154 täze jemgyýetçilik guramasyna synçy statusynyň berilendigini we halkara raýat jemgyýetiniň guramalary bilen bilelikdäki çäreleriň guralandygyny aýtdy. Gismat Gozalow konferensiýanyň geçiriljek ýerinde 18 sany parahatçylykly demonstrasiýanyň geçirilendigini

Все права защищены

belläp, Azerbaýjanyň açyk we dürli klimat gepleşiklerine ygrarly bolandygyny görkezýär diýdi.

Azerbaýjanyň COP29 prezidentliginiň döwründe birnäçe global başlangyçlar başlandy, olardan Bakuwyň Howa Maliýe Başlangyjy, COP29 Howa we Parahatçylyk Başlangyjy we Ýaşyl Ykdysadyýet üçin TDG Hyzmatdaşlygy belläp geçmek bolar. Bu başlangyçlar, global howa syýasatlaryny emele getirmekde Azerbaýjanyň işjeň roluny görkezýär.

Gismat Gozalow, COP29 döwründe 100-den gowrak çäräniň, maliýe, maýa goýum, energiýa, ylym, tehnologiýa, adam ösüş we biodürlülik ýaly meselelere gönükdirilendigini aýtdy. Bu wakalar, howanyň gün tertibini öňe sürmek üçin dürli pudaklarda global gepleşiklere itergi berdi.



2024-nji ýylyň noýabr aýynyň 19-na geçirilen Hazar deňziniň durnukly ösüş konferensiýasy

Все права защищены

“Hazar öýi” taslamasynyň tanyşdyrylyşy bilen tamamlandy. Gismat Gozalow, Hazar sebitinde daşky gurşaw gepleşikleri üçin platforma döretmekde Azerbaýjanyň esasy orny tutýandygyna, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin goňşy ýurtlar bilen hyzmatdaşlykda daşky gurşaw meseleleriniň çözülmegini üpjün etmekligiň ornuna ünsi çekdi.

Ilçi Gozalow, Türkmenistan düşünjesini we başlangyçlaryny hödürlemek bilen 2025-nji ýylda SPECA-nyň başlyklygyna resmi taýdan kabul edendigini belläp geçdi. Bu mynasybetli Azerbaýjan Türkmenistany gutlamak bilen, geljekde howanyň üýtgemegi boýunça işler alyp barjakdygyna, SPECA howa we innowasiýa gepleşigi üçin goşant goşjakdygyna ynanýar.

Azerbaýjan COP Prezidentligini tabşyrmaga taýýarlyk görýändigini we ýurduň durnuklylyga ygrarlydygyny tassyklan ilçi Gozalow, COP29 netijeleriniň has ýaşyl we has durnukly geljek üçin hakyky hereketler alyp barjakdygyny kepillendirdi.

Все права защищены